Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzyň oba hojalyk pudagy yzygiderli ösdürilýär we onuň eksport mümkinçilikleri pugtalandyrylýar, döwrebap tehnologiýalaryň, ylmyň soňky gazananlarynyň ornaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär. Şunda ugurdaş halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyga uly orun degişlidir.

Häzirki döwrüň möhüm talaby bolan «ýaşyl» ykdysadyýet konsepsiýasynyň oba hojalyk pudagyna ornaşdyrylmagy durnukly ösüşi we ekologik abadançylygy üpjün etmäge ýardam berýär.  Bu ugurda ýurdumyzda degişli işler alnyp barylýar. Döwletimiziň ylmy-barlag edaralary tarapyndan ekinleriň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän hem-de gurakçylyga durnukly, ýokary hasyl berýän täze tohumlaryny döretmek, olary önümçilige ornaşdyrmak boýunça zerur işleriň geçirilýändigini bellemek gerek. Yzygiderli ylmy barlaglaryň geçirilmegi, ýokary bilimli hünärmenleriň taýýarlanylmagy pudagy durnukly ösdürmegiň esasy şertleriniň biridir.

Oba hojalykçy alymlaryň we ugurdaş hünärmenleriň, ekerançylaryň tagallalary esasynda ekinleriniň hasyllylygy ýokarlanyp, ýurdumyzyň ygtybarly azyk binýady üpjün edilýär. Munuň özi ekologik taýdan deňagramlylygy saklamakda, üýtgeýän şertlere uýgunlaşmakda möhüm ähmiýete eýedir. Oba hojalyk we azyk üpjünçilik ulgamlarynyň öňünde biodürlüligi saklamak, ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak, suw serişdeleriniň rejeli ulanylmagy ýaly wajyp wezipeler durýar.

Soňky ýyllarda dünýä ykdysadyýetiniň ösmegi bilen baglylykda, oba hojalyk hem-de senagat önümçiliginiň ýokarlanmagy parnik gazlarynyň artmagyna getirýär. Şunuň bilen baglylykda, oba hojalygyny howanyň üýtgeýän şertlerine uýgunlaşdyrmagyň möhümdigi bellenildi. Munuň özi bu ugurda ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegini, bilelikdäki tagallalaryň utgaşdyrylmagyny talap edýär.

**Leýli ANNAÝEWA**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 03.02.2025